# Balkan dagy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Balkan dagy BALKAN DAGY

Bir ganatyñ Garagumdan göterip,
Beýleki ganatyn Kaspä batyryp.
Uçjak bürgüt ýaly oturan, Balkan,
Gyrkylañ mañ goýnuñ sagrysy ýaly
Ýylçyr gaýalaryñ sörtüge galkan.

Aýaklarñy çoýup gumuñ howruna,
El-ýüzüñ ýuwañda suwuna deñziñ.
Garagumuñ arzuwyna çalymdaş
Bu pälwan sypatyñ, bu täsin meñziñ.

Şol bir agraslygyñ, şol bir oturşyñ,
Hala bahar bolsun, hala gyş güni
Bir ajap rowaýat düşýär ýadyma,
Görenimde howalanýan keşbiñi.

«Bal akandan Balkan adyñ galanmyş»
Diýýärler, haçandyr, bir mahallarda,
Dag bürgüdin ýada salýan perzentleñ
Bu gün şol arzuwñy goýmady ýerde.

Boldy jülgeleriñ hazynañ agzy,
Gaýalaryñ bolsa, sakçysy onuñ.
Gerçekleriñ gudratyna geñ galyp,
Otyrsyñ üstünde altynly humuñ.

Hawa, sen şeýleräk görünýäñ maña,
Äpet gollaryñy uzadyp her ýan.
Ýöne men şol humuñ üstünde seniñ
Parahat oturyp bilşiñe haýran.

Juma ORAZOW. Goşgular